## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

**1339 A. G. Abdyrahymow hakynda**

**Abdyrahym Gutlyýewiç Abdyrahymowy** Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrabynyň häkimi wezipesine bellemeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat ş., 2011 ý. iýun aýynyň 14-i.*
*№ PP-5779*





# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ KARARLARY

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ KARARY

**1340 Dissertasiýalar goralanda daşary ýurtlardan çagyrylan alymlaryň gatnaşmagy bilen bagly çykdajylar hakynda**

Täze galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynda ýurdumyzyň ylmy kuwwatyny has-da berkitmek, kämil ylmy işgärleri taýýarlamak, ylmyň möhüm ugurlary boýunça dünýäniň öňdebaryjy tejribesiniň we innowasion tehnologiýalaryň esasynda taýýarlanan dissertasiýalara mynasyp baha bermek hem-de bu ugurlarda halkara hyzmatdaşlygyny giňeltmek, şeýle hem «Alymlyk derejelerini bermek we alymlyk atlaryny dakmak hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2010-njy ýylyň 23-nji fewralynda çykaran 10928-nji kararyny ýerine ýetirmek maksady bilen, **karar edýärin:**

1. Dissertasiýalar goralanda daşary ýurtlardan çagyrylan alymlaryň gatnaşmagy bilen bagly çykdajylary tölemegiň Tertibini tassyklamaly (goşulýar).

2. Dissertasiýalar goralanda daşary ýurtlardan çagyrylan alymlaryň gatnaşmagy bilen bagly çykdajylary Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirmeli.

3. Türkmenistanyň Merkezi banky dissertasiýalar goralanda daşary ýurtlardan çagyrylan resmi opponentleriň we ýöriteleşdirilen geňeşleriň agzalarynyň, alyp baryjy edaralaryň hünärmenleriniň, aspirantlaryň, doktorantlaryň we dalaşgärleriň ylmy ýolbaşçylarynyň we maslahatçylarynyň Türkmenistana gelmegi, onda bolmagy we ondan gitmegi hem-de olaryň zähmetine hak tölenmegi bilen bagly çykdajylary tölemek üçin, Türkmenistanyň Ýokary attestasiýa komitetiniň ýüztutmasy boýunça manatdaky serişdeleri erkin ýörgünli daşary ýurt puluna öwürmegi üpjün etmeli.

4. Türkmenistanyň Ýokary attestasiýa komiteti dissertasiýalar goralanda daşary ýurtlardan çagyrylýan alymlaryň sanawy boýunça teklipleri bellenen tertipde Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň degişli Orunbasary bilen ylalaşmaly.